# Bergä başgaça seretmek

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bergä başgaça seretmek BERGÄ BAŞGAÇA SERETMEK




Añ azatlygynyñ uç-gyraksyz çäksizligindäki dana «dälileri» diýseñ gowy görýärin.
Ýurdumyzda bular ýaly gaýduwsyz akyldarlary tapmak barha kynlaşýar.
Umumy akyma eýerýän, ýat tutulanlary gaýtalaýan we köp bilýändirin öýdüp her özbaşdak pikire «komplimasiýa» diýýän nijeme körzehin akyllysumaklar bar ýurdumyzda.
Bir dana «däli» tanatmak isleýärin: **Professor Dewid Greber…**
ABŞ-ly ykdysady antropolog.
Magistrligi we doktorlyk dissertasiýasyny Çikago uniwersitetinde gorady. Ýel uniwersitetinde dosent bolup işlemäge başlady. Ýedi ýyldan soñ, 2005-nji ýylda uniwersitet ony işinden boşatdy. Tanymal alymlaryñ, akademikleriñ başyny çeken topar onuñ uniwersitete yzyna alynmagy üçin 4.500 gol ýygnady. Ýel uniwersiteti raýyndan gaýtmady. Çünki:
Professor Greber Bütindünýä industriýa işçileri sindikatynyñ agzasydy we 2002-nji ýylda Nýu-Ýorkdaky Bütindünýä ykdysady forumyny protest edenleriñ öñbaşçylaryndandy.
Ýigrimiden gowrak ýüztutmasyna garamazdan ABŞ-da iş tapmandygy ýylda Angliýa «akademiki sürgünlige» gitdi: **London School of Economics…**
Bu uniwersitetde eden birinji çykyşynyñ temasy şudy: «Bilimiñ añyrsy: Güýç, jahylyýet we akmaklygyñ arabaglanyşygynyñ açylyşy».
Bilimi pula indekslän neoliberalizmi ýazgaran, 2010-njy ýylda Angliýany sarsdyran talyp protestlerine gatnaşdy.

Ykdysady deňsizlige we puluň syýasatdaky täsirine garşy geçirilen “Wall Streeti basyp al” çykyşyna guramaçylyk eden topardandy. Bu protestiň iň esasy öňe süren sloganlaryndan “Biz ýüzde 99” Greberiň sözleridi…
Uzatmaýyn, Wenesiýada gezip ýörkä öthaltasy näsazlyk tapynyp, 2020-nji ýylda elli dokuz ýaşynda aradan çykdy.

- **KREDIT KARTY BERGISI**

Antropolog Dewid Grebere gaýdyp geleris.
Ilki JHP-niň «Köşgüň gara düzgüni» («Saray’ın Kara Düzeni”) beýanatyndan sitatalar getirjek:
*«- 2002-nji ýylda ýekebara kreditden peýdalanan ildeşlerimiziň sany 1 million 275 müň bolan bolsa, bu görkeziji 2021-nji ýylyň dekabr aýynda 34.8 milliona ýetipdir.*
*– Adam başyna düşýän kredit bergisi ortaça 30 müň lira bolupdyr.*
*– 2021-nji ýylyň noýabr aýyndan başlap şahsy kredit bergileri taryhda birinji gezek jemi 1 trillion liradan geçdi.*
*– Diňe gerekli krediti we kredit kart bergileri jemi 686 milliard lira ýetdi.*
*– Karz alyp biljek ilatyň azyndan segsen göteriminiň banklara bergidar hala gelendigi ýüze çykdy. Ýaşaýşyň barha gymmatlamagy, inflýasiýa we pes girdejiler sebäpli ýakynyndakylara bergili bolanlary-da goşanyňda, bu görkeziji togsan göterimdenem geçýär.*
*– Ildeşlerimiz we ykdysadyýetimiz näsaz bergidarlyk girdabyna sokuldy.*
*– 2020-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlary bilen 2021-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda kredit kart bergilerini berip bilmedik raýatlaryň sany 84% we şahsy kredit bergisini berip bilmedik raýatlar sany 211% artdy…»*
Eýsem: JHP-niň «bergi meselesine» degişli düýpli çözgütleriň teklibini berip bilýärmi?
Professor Grebere gaýdyp geleýin:

- **ASYL BERGILI KIM?**

Antropolog Greber 2011-njy ýylda “Bergi: Birinji 5.000

ýyl” atly “adatdan daşary” kitabyny ýazdy. «XXI asyryň iň köp okalan jemgyýetçilik antropologiki kitaby bolar» diýip baha berlen kitap dünýäde iň köp satyn alynan kitaplaryň sanawyna girdi.
Bergi pikiriniň taryhy ösüşini orta goýan Greber okyjysyny täsin baglanyşyklar bilen, paş etmeler bilen doly bäş müň ýyllyk ýolagçylyga çykarýar. Mysal üçin şeýle diýýär:
*«- Bärde diýseň aldawa düşüriji bir zat bar. Ahlak dramalarynyň barsy şahsy berginiň netijesinde keýpe kowalaşmak, adamyň ýakynlaryna garşy eden günäsi hökmünde görülme çaklamasyndan başlaýar…»*
Şu ahlak jogapkärçiligi boýnuňa dakylýar:
*“- Mundan ötri öweziniň hökmany suratda arassalanmagy, çile çekip puşmana gelip gowulaşmagy gerek…”*
Eýsem:
*“- ABŞ-daky bergi bibatlygynyň birinji sebäpleriniň biri syrkawlyga garşy çykdajylardyr, edilýän bergileriň köpüsi durmuşy bökdençsiz dowam etdirmek üçindir…»*
Galyberse-de:
*«- Ykdysatçylaryň ‘keýpine harçlamak»diýip at dakanlaryna begenýän zatlary üçin karz alan bolsalar, esasan çagalaryna bermek, dostlary bilen bölüşmek ýa-da beýleki adamlar bilen gatnaşyk açmak (toý etmek ýaly) üçindir. Diňe ýaşamaga dowam etmekden ybarat bolmadyk durmuşda ýaşamak üçindir…»*
Greber bergini sap raýatyň öz meselesi edip görkezýän we her hili ýagdaý bolanda-da tölenmegini boýnuňa dakýan süýthorçylykly sistemany ýazgarýar. *«Näme üçin hiç kim kredit berijiniň-sistemanyň jogapkärçiligini pikir edenok?»*
Meseläniň özeninde «hyraçhon» kapitalizmiň «adamlar bergili (gul) bolmalydyr» düşünjesiniň ýatandygyny aýdýar.
*“Ýeri, onda bergi näme? Bergi diňe ýoýulan wadadyr. Matematiki taýdan we diýdimzorlyk bilen hapalanan wadadyr…”*
IMF bilen bir hatarda bergi imperializminiň – global syýasatlaryň, güýjüň, diýdimzorlugyň düýbi bolan bergi kesgitleme «Biz ýüzde 99» kesgitlemesini merkeze oturdyp baha berýär.
Hawa, meseleleriň çözgüdine dürli tarapdan seredip bilýän dana

«dälileri» gowy görýärin, näme diýseñ baş atyp duran status-kwoçylary däl…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 05.04.2022 ý. Maliýe we ykdysadyýet